# Göwnüm geçdi

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Göwnüm geçdi GÖWNÜM GEÇDI



*«Meniñ senden göwnüm geçdi…»*
***Aýdymdan.***
Gidişiñ rast boldy ykbaly çeken,

Söýülseñ gül eken, söýseñem–tiken,
Ýaşamaga howa ýetik däl eken,
Aýryldyk, meniñ demden göwnüm geçdi.

Özüne gark etdi gözleñ akymy,
Gül ysyñden köp beripsiñ hakymy,
Baş aýlanyp, bilmän asla çakymy,
Utuldym…
Meniñ çenden göwnüm geçdi…

Saçlañ buýra, iki egniñ horjady,
Sözleriñem mañlaýym deý şorjady…
Ah, şol tüsse arzuwlarmy gorjady-
-gorjady,
Meniñ «beñden» göwnüm geçdi.

Biz rol oýnamandyk, çaldylar çapak,
Ykbal çatylmady bolsa-da sapak,
Gün ýaşyp umuman dogmady şapak,
Tümlükde meniñ dañdan göwnüm geçdi.

Takadyñ gysymlap, göwnüñi epläp,
Gahara atlansam bir gülüp, gepläp,
Döwlen arzuwlarñy her ýerden çöpläp,
Soñ ýadap, seniñ menden göwnüñ geçdi.

Oýlanýan,
Agyram-a däldi göwnüñ ölçegi,
Köp aglatdym sähel söze güljegi,
Eltip bilmän seni nurly geljege,
Bilýärmiñ, meñ özümden göwnüm geçdi.
Meniñ menden göwnüm geçdi.

Ahmet ARAZOW. Goşgular